#138 (160)
среда, 16 августа 2023 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

SAGDYN DURMUŞ ÝÖRELGELERINI WAGYZ ETMEK — DÖWLET SYÝASATYNYŇ MÖHÜM UGRY

Zähmet rugsadynda bolýan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow şu gün ir säher bilen Hazaryň kenarynda welosipedli gezelenç etdi hem-de "Awaza" sport toplumynda bedenterbiýe maşklaryny ýerine ýetirdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgelerini berkarar etmek, jemgyýetimizde bedenterbiýe hem-de sport bilen yzygiderli meşgullanmagy wagyz etmek boýunça öňe süren başlangyçlary Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Säher bilen Günüň dogýan çaglarynda Hazaryň kenarynyň howasy, aýratyn-da, "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynyň gurşawy ynsan üçin ýakymlylygy bilen tapawutlanýar. Munuň özi ýurdumyzyň ähli künjeklerinde bolşy ýaly, deňziň kenarynda ýokary ekologik derejäni saklamak boýunça giň gerimli işleriň oňyn netije berýändiginiň aýdyň beýanydyr.

Ilatyň saglygyny berkitmek, sagdyn durmuş ýörelgelerini jemgyýetimizde berkarar etmek amala aşyrylýan döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu syýasat bolsa durmuş ugurlydyr.

Döwlet Baştutanymyzyň yzygiderli welosipedli gezelenç etmegi ýaşlar üçin nusgalyk bolmak bilen, tutuş dünýäde meşhurlykdan peýdalanýan hem-de ekologik taýdan arassa bolan welosiped sportuny ýurdumyzda ösdürmek üçin giň mümkinçilikleri açýar.

Mälim bolşy ýaly, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow köpçülikleýin welosipedli ýörişleri geçirmek boýunça ajaýyp we asylly däbiň başyny başlady. Bu başlangyç watandaşlarymyzyň giň goldawyna eýe bolup, olar ýurdumyzda yzygiderli guralýan giň gerimli sport çärelerine uly höwes bilen gatnaşýarlar. Şol çäreler adamlaryň saglygyny berkitmäge, raýatlarda daşky gurşawa aýawly garamak duýgusyny kemala getirmäge ýardam edýär.

Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamasy bilen döredilen Bütindünýä welosiped güni her ýylyň 3-nji iýunynda giňden bellenilýär. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň asylly ýörelgeleriniň halkara derejede ykrar edilýändiginiň, ýurdumyzyň sport we bedenterbiýe-sagaldyş hereketini ösdürmek, milli we ählumumy derejede durnukly ösüşiň esaslary hökmünde jemgyýetde ekologik dünýägaraýşy berkarar etmek ulgamynda ýurdumyzyň tagallalaryna berilýän ýokary bahanyň nobatdaky subutnamasydyr. Sagdynlyk, raýdaşlyk, dostluk, ynsanperwerlik ýörelgelerine ygrarlylyk ýaly umumadamzat gymmatlyklaryny alamatlandyrýan bu senäniň döredilmegi parahatçylygyň ilçisi hökmünde sporty wagyz etmek, ýurtlaryň we halklaryň arasyndaky netijeli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak üçin giň mümkinçilikleri açýar.

2022-nji ýylyň 15-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde Türkmenistanyň

(Dowamy 2-nji sahypada).

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РУКОВОДСТВО ИСЛАМСКОЙ РЕСПУБЛИКИ ПАКИСТАН

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Исламской Республики Пакистан Арифу Алви и Премьер-министру Исламской Республики Пакистан Миану Мухаммаду Шахбазу Шарифу по случаю Национального праздника Исламской Республики Пакистан – Дня независимости.

Дав высокую оценку нынешней динамике межгосударственных отношений, Президент Туркменистана выразил уверенность в дальнейшем развитии и укреплении братских отношений двух стран, а также готовность к выводу их на новые рубежи в интересах обоих народов.

Пользуясь возможностью, глава государства адресовал Президенту Арифу Алви и Премьер-министру Миану Мухаммаду Шахбазу Шарифу сердечные пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а братскому народу Исламской Республики Пакистан – мира, прогресса и процветания.

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РУКОВОДСТВО РЕСПУБЛИКИ ИНДИЯ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Индия г-же Драупади Мурму, Премьер-министру Республики Индия Нарендре Моди и всему народу страны по случаю Национального праздника Республики Индия – Дня независимости.

«Выражаем большую заинтересованность в дальнейшем развитии сотрудничества между Туркменистаном и Республикой Индия, а также заявляем о приверженности углублению наших дружественных и взаимовыгодных отношений, основанных на уважении, понимании и доверии друг к другу. Твёрдо уверен в том, что эти отношения будут и впредь систематически наращиваться в интересах наших народов», – отметил глава государства.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана адресовал Президенту Драупади Мурму и Премьер-министру Нарендре Моди пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а всему народу Республики Индия – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ КОРЕЯ

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Исламской Республики Пакистан Арифу Алви и Премьер-министру Исламской Республики Пакистан Миану Мухаммаду Шахбазу Шарифу по случаю Национального праздника Исламской Республики Пакистан – Дня независимости.

«Многовекторные отношения между нашими странами отличаются своей эффективностью», – отметил Герой-Аркадаг, выразив уверенность в дальнейшем развитии этих отношений, а также заявив о приверженности углублению братских и взаимовыгодных отношений между Туркменистаном и Исламской Республикой Пакистан.

Пользуясь этой возможностью, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана адресовал Президенту Арифу Алви и Премьер-министру Миану Мухаммаду Шахбазу Шарифу сердечные пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а братскому народу Исламской Республики Пакистан – мира, прогресса и процветания.

НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РУКОВОДСТВО ИСЛАМСКОЙ РЕСПУБЛИКИ ПАКИСТАН

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Исламской Республики Пакистан Арифу Алви и Премьер-министру Исламской Республики Пакистан Миану Мухаммаду Шахбазу Шарифу по случаю Национального праздника Исламской Республики Пакистан – Дня независимости.

«Многовекторные отношения между нашими странами отличаются своей эффективностью», – отметил Герой-Аркадаг, выразив уверенность в дальнейшем развитии этих отношений, а также заявив о приверженности углублению братских и взаимовыгодных отношений между Туркменистаном и Исламской Республикой Пакистан.

Пользуясь этой возможностью, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана адресовал Президенту Арифу Алви и Премьер-министру Миану Мухаммаду Шахбазу Шарифу сердечные пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а братскому народу Исламской Республики Пакистан – мира, прогресса и процветания.

НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РУКОВОДСТВО РЕСПУБЛИКИ ИНДИЯ

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Индия г-же Драупади Мурму, Премьер-министру Республики Индия Нарендре Моди и всему народу страны по случаю Национального праздника Республики Индия – Дня независимости.

«Мы высоко оцениваем многолетние отношения между Туркменистаном и Республикой Индия», – отметил Герой-Аркадаг, выразив твёрдую уверенность в том, что это многовекторное сотрудничество будет и впредь систематически наращиваться в интересах народов обеих стран.

Пользуясь этой возможностью, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана адресовал Президенту Драупади Мурму и Премьер-министру Нарендре Моди пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а всему народу Республики Индия – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

Интернет газета
Международные новости

TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY ARKADAG ŞÄHERINIŇ LUKMANÇYLYK EDARALARYNYŇ IŞI BILEN TANYŞDY

2023-nji ýylyň 12-nji awgustynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäheriniň saglygy goraýyş edaralarynyň işi bilen tanyşdy we olaryň işiniň netijeliliginiň artdyrylmagyna bagyşlanan iş maslahatyny geçirdi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň we jemgyýetimiziň durmuşynyň ähli ulgamlarynda Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan giň gerimli özgertmeleri üstünlikli dowam etdirilýär. Arkadag şäherinde ynsan saglygynyň berkidilmegi bilen baglanyşykly meseleleriň oňyn çözülmegine, hususan-da, şäheriň halkara ülňülere doly laýyk gelýän lukmançylyk edaralarynyň işine uly üns berilýär.

Ir bilen türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäheriniň köpugurly hassahanasyna geldi. Bu ýerde Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazow, Arkadag şäheriniň häkimi Ş.Durdylyýew we Arkadag şäher Saglygy goraýyş müdirliginiň başlygy Ý.Işangulyýew täze şäheriň saglygy goraýyş ulgamynyň sazlaşykly işini üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Türkmen halkynyň Milli Lideri bu ýerde alnyp barylýan işler, ýanaşyk ýerleriň abadanlaşdyrylyşy bilen tanşyp, dag eteginde ýerleşýän şäheriň ekologiýa meselelerine aýratyn ähmiýet berilmelidigini belledi hem-de degişli ýolbaşçylara amatly howa gurşawyny döretmek maksady bilen, ekilen baglara we seýilgäh zolaklaryna talabalaýyk idegiň ýola goýulmalydygyny, bu ugurda alnyp barylýan işleri yzygiderli gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Bagy-bossanlyga bürelen şäheriň ýokary ekologiýa derejesi howanyň arassalygyny üpjün edýär, ynsan saglygynyň berkidilmegine ýardam edýär.

Şeýle hem Gahryman Arkadagymyz lukmanlaryň hünär derejesi, olaryň daşary ýurt dillerine erk edişi bilen gyzyklandy.

Döwrebap lukmançylyk enjamlary bilen üpjün edilen köpugurly hassahananyň lukmany bu ýerde näsaglary bejermek, dürli operasiýalary geçirmek üçin ähli şertleriň döredilendigini habar berdi. Hassahananyň işe başlan pursadyndan bäri, bu ýerde çylşyrymly operasiýalaryň eýýäm üçüsi ýerine ýetirildi. Lukmanlar öz işinde täzeçil usullary netijeli ulanýarlar.

Gahryman Arkadagymyz häzirki döwürde ýurdumyzda lukmançylyk ylmynyň ösüşiň täze derejesine çykandygyny belläp, bu ugurda dünýä tejribesini ulanmagyň hem-de halkara hyzmatdaşlygy giňeltmegiň zerurdygyny nygtady. Lukmanlaryň hünär taýdan kämilleşmegi häzirki döwrüň möhüm talaby bolup durýar. Şunda türkmen hünärmenleriniň dünýäniň öňdebaryjy hassahanalarynda tejribelerini artdyrmaklaryna möhüm orun berilýär.

Täze hassahanada operasiýalaryň üstünlikli geçirilmegi guwandyrýar, bu işleri dowam etmek gerek diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy. Ýurdumyzyň lukmanlarynyň halkara derejede geçirilýän forumlara gatnaşmagy hem-de Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamynyň ýeten derejesi, halk lukmançylygynyň täsin usullary barada gürrüň bermekleri möhümdir. Şunuň bilen baglylykda, degişli ýolbaşçylara birnäçe tabşyryklar berildi.

Soňra hormatly Arkadagymyz, lukmançylyk ylymlarynyň doktory, professor Gurbanguly Berdimuhamedow hassahananyň dikeldiş bölümine bardy. Bu ýerde Balkan welaýatyndan gelen G.Gölliýewanyň operasiýadan soňky bejergini alýandygy barada gürrüň berildi.

Gahryman Arkadagymyz bejergi alýan gyzjagazyň ýanyna baryp, onuň hal-ýagdaýy, saglygy bilen gyzyklandy. Gyzjagazyň ejesi Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, gyzynyň Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna operasiýa edilendigini we operasiýanyň şowly geçip, çagasynyň gün-günden gowulaşýandygyny gürrüň berdi.

Gahryman Arkadagymyz gyzjagazyň operasiýadan soňky dikeldiş döwrüniň netijeli boljakdygyny belläp, munuň üçin hemme mümkinçilikleriň bardygyny aýtdy hem-de gyzjagaza özüniň sowgadyny gowşurdy.

Gahryman Arkadagymyz çagalary atalyk mähri bilen gurşap, olara beden sazlaşygyny üpjün etmek üçin ýöriteleşdirilen maşklary etmäge ýardam berdi. Çagalar özlerine lukman Arkadagymyzyň öwredýän usullaryny özleşdirmek üçin uly tagalla etdiler.

Watanymyzyň röwşen geljegi ösüp gelýän nesillere baglydyr, olaryň beden we ruhy taýdan sagdyn bolmagy şu günki güne bagly. Hut şoňa görä-de, Gahryman Arkadagymyz çagalaryň bagtyýar durmuşynyň, şatlykly günleriniň bolmagy, gülki seslerniň elmydama ýaňlanyp durmagy babatda yzygiderli alada edýär. Hormatly Prezidentimiziň yzygiderli goldaw-hemaýatlary, türkmen halkynyň Milli Liderniň uly üns-aladasy netijesinde, kämil şahsyýeti kemala getirmek, iň esasy bolsa, sagdyn nesli terbiýelemek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar.

Soňra Gahryman Arkadagymyz merkeziň eýwanynda çeper döredijilik bilen meşgullanýan we surat çekýän çagalaryň arasyna baryp, olaryň ýerine ýetirýän işleri bilen gyzyklandy. Döredijiligiň netijeli lukmançylyk hyzmatlary bilen bir hatarda, tiz sagalmakda möhüm ähmiýete eýedigini belläp, Gahryman Arkadagymyz toplumlaýyn çäreleriň zerurdygyny nygtady hem-de çagalara tiz sagalmaklaryny arzuw edip, olar bilen hoşlaşdy.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezinde operasiýadan soňky bejeriş döwri üçin giň mümkinçilikleriň döredilendigini bellemek gerek. Bu ýerde çagalaryň boýun-oňurga we hereket ediş agzalarynyň dogry ösüşini üpjün edýän ýöriteleşdirilen otaglar, olarda degişli enjamlar bar. Bu bolsa çagalaryň tiz sagalmaklarynda aýratyn ähmiýetlidir.

Bölümde ýüzüş howzunyň bolmagy we suwda degişli çäreler bilen meşgullanmak çagalaryň sagalmagyna ýardam edýär. Lukmançylyk ylmynyň tassyklamagyna görä, oturdylan enjamlar, ýüzüş howzy, şeýle hem dürli oýnawaçlar, şarlar, maşk etmek üçin niýetlenen enjamlar, olaryň netijeli peýdalanylmagy çagalaryň bedenlerini berkitmek bilen bir hatarda, olaryň aň-düşünjeleriniň sazlaşykly ösüşinde aýratyn ähmiýetlidir.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäheriniň metjidiniň gurluşygyna badalga berlen ýere geldi. Bu ýerde Gahryman Arkadagymyzyň garamagyna birnäçe şekil taslamalary hödürlenildi.

Paýtagtymyzyň Köpetdag şaýoly bilen Arkadag şäheriniň Akhan şaýolunyň çatrygynyň merkezinde oturdyljak täsin binanyň taslamasy möhüm ähmiýete eýedir. Gahryman Arkadagymyz taslamany synlap, oňa birnäçe bellikleri aýtdy we degişli düzedişleri girizdi. Halkalaýyn aýlaw ýoly bolan çatrygyň çäklerindäki desgalar daşky gurşaw bilen bir bitewi sazlaşygy emele getirmelidir, olaryň ýanaşyk ýerleri abadanlaşdyrylmalydyr.

Şeýle hem bu ýerde Arkadag şäheriniň metjidiniň, onuň hojalyk desgalarynyň, metjidiň daşky hem-de içki bezegleriniň, Arkadag şäheriniň muzeýiniň taslamalary we olaryň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary, binalaryň bezeg işlerinde ulanylýan agaçlaryň we mermer daşlarynyň dürli görnüşleriniň nusgalary görkezildi.

Gahryman Arkadagymyz taslamalar bilen tanşyp, olaryň taýýarlanylyşynda bolşy ýaly, gurluşyk işlerinde hem öňdebaryjy dünýä tejribesini ulanmagyň zerurdygyny belledi. Şunda şäheriň ekologiýasyna, binalaryň bezeg işleriniň milli äheňde bolmagyna aýratyn üns berilmelidir.

Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynyň çäklerinde bina ediljek önümçilik desgalarynyň hil derejesine bolşy ýaly, olaryň daşky bezegine, senagat toplumlarynyň ýanaşyk ýerleriniň ýokary derejede abadanlaşdyrylmagyna jogapkärçilikli çemeleşmegiň wajypdygyny nygtap, Gahryman Arkadagymyz bu babatda degişli ýolbaşçylara birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Şekil taslamalaryny gözden geçirenden soňra, türkmen halkynyň Milli Lideri Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazowyň we Arkadag şäheriniň häkimi Ş.Durdylyýewiň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi.

Bellenilişi ýaly, şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynyň çäklerinde ähli ugurlar boýunça önümçilik toplumlarynyň gurulmagy meýilleşdirilýär. Munuň özi milli ykdysadyýetimizi senagatlaşdyrmak, ilatyň iş orunlary bilen üpjünçiligini gowulandyrmak, gündelik sarp edilýän önümleriň önümçiligini ýola goýmak hem-de hyzmatlar ulgamyny gowulandyrmak maksady bilen işlenip taýýarlanylan maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirmek üçin şertleri döredýär.

Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda bina ediljek önümçilik kuwwatlyklarynyň, aýratynda, lukmançylyk edaralarynyň ýokary hilli gurluşygy bilen bir hatarda, olaryň enjamlaşdyrylyş we üpjünçilik derejesine zerur üns berilmelidigini belläp, Gahryman Arkadagymyz şunda binalaryň buýrujylaryna we olaryň gurluşykçylaryna bolşy ýaly, saglyk edaralarynyň üpjünçilik ýagdaýyna bildirilýän talaplaryň ýokary hilli ýerine ýetirilmelidigini aýtdy. Munuň özi degişli düzümleriň sazlaşykly işiniň ýola goýulmagyna ýardam eder.

Täze şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda innowasion tehnologiýalaryň, täzeçil usullaryň işjeň ulanylmalydygyny belläp, Gahryman Arkadagymyz täze şäheriň häzirki zaman innowasion senagat toplumy bolan şähere öwrülmelidigine ünsi çekdi.

Şol bir wagtyň özünde şäheriň ekologiýa derejesine aýratyn üns berilmelidir. Köpçülikleýin bag nahallarynyň oturdylmagy, seýilgäh zolaklarynyň çäginiň giňeldilmegi we önümçilik desgalarynyň ýokary ekologiýa talaplaryna laýyk gelýän derejede bolmagy täze şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyryna bildirilýän esasy talaplardyr diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy hem-de bu işleri berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäheriniň hojalyk düzümlerinde ulanylmagy meýilleşdirilýän ulag serişdeleriniň görnüşleri bilen tanyşdy. Gahryman Arkadagymyz şäheriň arassaçylyk we abadançylyk ýagdaýynyň yzygiderli gözegçilikde saklanylmagynyň wajypdygyny nygtap, ulaglaryň hut şu talaplara laýyk derejedäki hyzmatlarynyň ýola goýulmalydygyny belledi. Şunda şäheriň çäklerinde elektron görkezijileriň sazlaşykly işi ýola goýulmalydyr.

Gahryman Arkadagymyz hemmelere alyp barýan işlerinde üstünlik arzuw edip, bu ýerden ugrady.

SAGDYN DURMUŞ ÝÖRELGELERINI WAGYZ ETMEK — DÖWLET SYÝASATYNYŇ MÖHÜM UGRY

(Dowamy 2-nji sahypada).

teklibi boýunça “Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek” atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi nobatdaky möhüm ädim boldy. Dünýäniň 62 döwleti bu Kararnamanyň awtordaşy bolup çykyş etdi. Bularyň ählisi parahatçylyk söýüjilik, döredijilik, ynsanperwerlik we netijeli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan oňyn syýasaty yzygiderli durmuşa geçirýän Bitarap Türkmenistanyň halkara giňişlikde abraýynyň barha artýandygyny görkezýär.

2018-nji hem-de 2019-njy ýyllarda Aşgabatda welosiped bilen bagly Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilen iki çäräniň geçirilendigini bellemek gerek. Şol çäreler, degişlilikde, “Iň köpçülikleýin tälim beriş sapagy” hem-de welosipedçileriň 2019-syny birleşdiren “Iň dowamly, bir nyzamly welosipedli ýöriş” diýen derejelere mynasyp boldy.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda welosiped sportunyň muşdaklarynyň sanynyň artýandygyny, onuň ösdürilmegi ugrunda döwlet derejesinde alada edilýändigini bellemeli. Munuň özi köpçülikleýin bedenterbiýäni we ýokary netijeli sporty ösdürmek ugrunda döwlet tarapyndan edilýän tagallalaryň rowaçlyklara beslenýändiginiň nobatdaky beýanydyr. Welosiped ulagyň ýönekeý we elýeterli görnüşi bolmak bilen, gezelenç etmek üçin amatly ulag serişdesi hasaplanýar. Welosiped sürmek boş wagtyňy ýylyň islendik paslynda açyk howada gyzykly, peýdaly geçirmäge mümkinçilik berýär. Ylmyň subut edişi ýaly, welosipedli gezelenç edilende adamyň bedeniniň çydamlylygy, işe ukyplylygy ýokarlanýar, bogunlar we myşsalar, nerw ulgamy berkeýär.

Welosiped sporty bilen meşgullanmak arterial gan basyşyny durnuklaşdyrmaga, ýürek-damar we beýleki keselleriň döremek howpuny azaltmaga ýardam edýär, energiýa çalşygyny kadalaşdyrýar, kesele garşy durnuklylygy ýokarlandyrýar, ynsanyň uzak wagtlap sagdyn bolmagyny üpjün edýär. Mundan başga-da, welosipedli gezelenç etmek, ýadawlygy aýyrmaga, artyk kaloriýalardan dynmaga mümkinçilik berýär. Umuman, bularyň ählisi adamyň özüni duýşuna, onuň fiziki hem-de psihologik ýagdaýyna oňyn täsir etmek bilen, bedeniň ähli babatda sagdyn bolmagyna ýardam berýär. Şeýle hem welosiped ulagyň ekologik taýdan iň arassa görnüşidir. Munuň özi bolsa ekologiýa syýasatyny durmuşa geçirmek babatda aýratyn ähmiýete eýedir. Daşky gurşawa aýawly garamak şol syýasatyň möhüm ugrudyr.

Bu gün Diýarymyzda sportuň ösüşi täze derejä çykdy. Türkmen türgenleri iri halkara ýaryşlara işjeň gatnaşyp, ýokary netijeleri gazanýarlar. Munuň özi Türkmenistanyň dünýäniň sport giňişligindäki ornuny has-da pugtalandyrmaga ýardam edýär.

Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow “Awaza” sport toplumynda dürli maşklary ýerine ýetirip, bu ýerden ugrady.

Интернет газета
Международные новости

Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş sekretarynyň Ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysyny kabul etdi



2023-nji ýylyň 14-nji awgustynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň Ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy wezipesine täze bellenen Kaha Imnadzeni kabul etdi.

Diplomat duşuşmaga döredilen mümkinçilik hem-de mähirli kabul edilendigi üçin tüýs ýürekden hoşallygyny bildirip, döwlet Baştutanymyza BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň iberen mähirli salamyny we ähli türkmen halkyna iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirdi hem-de BMG-niň Baş sekretaryna salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan edip, jenap Kaha Imnadzeni BMG-niň Baş sekretarynyň Ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy wezipesine bellenmegi bilen gutlady.

Duşuşygyň dowamynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen döredilen BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi tarapyndan soňky ýyllarda öňüni alyş diplomatiýasyny ilerletmek boýunça netijeli işleriň alnyp barlandygy, hyzmatdaşlygyň täze görnüşleriniň döredilendigi we anyk maksatnamalaryň durmuşa geçirilendigi nygtaldy.

Şeýle hem BMG-niň Baş Assambleýasynyň çözgüdine laýyklykda hem-de goňşy döwletleriň we Howpsuzlyk Geňeşiniň agzalarynyň goldaw bermeginde Aşgabatda esaslandyrylan BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi bilen ýakyndan hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berilýär. BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi döredilen gününden bäri geçen 15 ýyldan gowrak wagtyň dowamynda özüni häzirki döwrüň möhüm meseleleriniň çözgütlerini işläp taýýarlamakda Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamyny Merkezi Aziýa ýurtlary bilen birleşdirýän netijeli meýdança hökmünde görkezdi.

Jenap Kaha Imnadze hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa hem-de Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowa sebit merkeziniň işine berýän hemişelik goldawlary üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Bitarap Türkmenistanyň sebitde we dünýäde parahatçylygyň pugtalandyrylmagyna, özara düşünişmek we ynanyşmak ýagdaýynyň döredilmegine, netijeli syýasy-diplomatik dialogyň ilerledilmegine saldamly goşant goşýandygyny nygtady. Diplomat ýurdumyz bilen bilelikdäki işiň baý tejribesine hem-de uly mümkinçiliklere esaslanýan netijeli hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna hemmetaraplaýyn ýardam etjekdigine ynandyrdy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de BMG-niň Baş sekretarynyň Ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy Kaha Imnadze Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky strategik häsiýete eýe bolan köpýyllyk hyzmatdaşlygyň ählumumy parahatçylygyň, rowaçlygyň we abadançylygyň bähbidine mundan beýläk-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

СООБЩЕНИЕ ДЛЯ СРЕДСТВ МАССОВОЙ ИНФОРМАЦИИ

Туркменистан, будучи активным участником международного энергетического сотрудничества, большое внимание уделяет развитию взаимодействия в нефтегазовой сфере с различными государствами на основе принципов равноправного и взаимовыгодного партнерства.

Как известно, наша страна неоднократно выступала с инициативами, нацеленными на создание эффективных механизмов, обеспечивающих надежные и стабильные поставки энергоносителей на мировые рынки, соблюдение интересов всех участников этого процесса: производителей, транзитеров и потребителей энергии.

В этом контексте корреспондент ТДХ обратился к Заместителю председателя Государственного концерна «Туркменгаз» Мыраду Арчаеву с просьбой прокомментировать сообщения в СМИ относительно идеи создания газовых союзов и альянсов, активность которых может в будущем затрагивать законные интересы нашей страны как участника крупных энергетических проектов, эффективно функционирующих в течение ряда лет.

М.Арчаев: Действительно, 11 августа текущего года ряд средств массовой информации распространили заявление Директора департамента экономического сотрудничества МИД Российской Федерации Дмитрия Биричевского относительно так называемого «трехстороннего газового альянса» с участием России, Казахстана и Узбекистана. По его словам, Россия не исключает «возможности расширения трехстороннего взаимодействия в газовой сфере» и знает, «что интерес к нему проявляют и другие государства».

Заявление г-на Биричевского вызывает, как минимум, несколько вопросов. О каких «возможностях расширения» идет речь, какие «другие государства» проявляют к ним интерес, что, в принципе, стоит за «трехсторонним взаимодействием» в газовой сфере? Обтекаемость формулировок, использованных российским дипломатом, не дает на них ответы. А ясность здесь требуется полная, поскольку затрагиваются интересы других государств, в том числе Туркменистана.

Как известно, Туркменистан, Казахстан, Узбекистан и Китай в течение длительного времени осуществляют взаимодействие по транспортировке природного газа из Центральной Азии в Китайскую Народную Республику, с четко согласованными объемами, сроками, экономическими и техническими параметрами.

В настоящее время функционируют три ветки газопровода «Туркменистан-Китай» по которым газ поставляется с туркменских месторождений на востоке и юго-востоке страны. Все три линии, производственные мощности, обеспечивающие их работу, были совместно построены исключительно туркменской и китайской сторонами – соответственно, Государственным концерном «Туркменгаз» и китайской нефтегазовой компанией CNPC. И сегодня крупнейшим поставщиком газа по этому трубопроводу является Туркменистан: из общего согласованного объема поставок, составляющего 55 млрд. кубометров в год, 40 млрд. кубометров законтрактованы Туркменистаном, а остальные объемы обеспечиваются Узбекистаном и Казахстаном.

Источников газа из других стран для заполнения трубопровода не предусмотрено, и в существующую схему распределения объемов газа, поставляемого в Китай, планы по расширению состава участников проекта газопровода «Туркменистан - Китай» не входят.

Следует отметить, что Туркменистан неукоснительно придерживается взятых на себя обязательств перед китайскими, узбекскими и казахстанскими партнерами. И законно рассчитывает на взаимность.

Также очевидно, что любые изменения согласованных и оформленных объемов и схем поставок газа, с использованием имеющейся инфраструктуры, требуют предварительного согласования со всеми участниками без исключения. Между тем, никаких консультаций с Туркменистаном по этому поводу не проводилось. Такой подход для туркменской стороны непонятен и неприемлем, и рассматривается нашей страной как не соответствующий нормам международного права и практике работы в газовой сфере.

В этом контексте в Туркменистане вызывают серьезную обеспокоенность заявления официальных представителей, так или иначе затрагивающие международные обязательства нашей страны, и могущие посеять неясность и спекуляции относительно их выполнения другими участниками.

Как ответственное государство Туркменистан исходит из того, что международное сотрудничество, в том числе в таком важнейшем сегменте как энергопоставки, должно строиться на открытых и ясных критериях, взаимном уважении и учете интересов, строгом соблюдении достигнутых договоренностей. Колебания внешнеэкономической конъюнктуры не могут служить поводом для изменения этих принципов.

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ВЫРАЗИЛ СОБОЛЕЗНОВАНИЯ ПРЕЗИДЕНТУ РОССИЙСКОЙ ФЕДЕРАЦИИ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил глубокие соболезнования Президенту Российской Федерации Владимиру Путину в связи с человеческими жертвами и увечьями в результате взрыва на автозаправочной станции в городе Махачкала.

От имени народа и Правительства страны, а также от себя лично глава Туркменистана передал слова сопереживания и поддержки всем родным и близким погибших, а также пожелания скорейшего выздоровления пострадавшим.

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ВЫРАЗИЛ СОБОЛЕЗНОВАНИЯ ПРЕЗИДЕНТУ РЕСПУБЛИКИ КОРЕЯ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов выразил глубокие соболезнования Президенту Республики Корея Юн Сок Ёлю в связи с кончиной отца – Юн Ги Чжуна.

Глава государства выразил в этот тяжёлый момент слова искреннего сопереживания и поддержки Президенту Республики Корея и членам его семьи.

НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ВЫРАЗИЛ СОБОЛЕЗНОВАНИЯ ПРЕЗИДЕНТУ РОССИЙСКОЙ ФЕДЕРАЦИИ

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил глубокие соболезнования Президенту Российской Федерации Владимиру Путину в связи с человеческими жертвами и увечьями в результате взрыва на автозаправочной станции в городе Махачкала.

От имени Халк Маслахаты, а также от себя лично Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана передал слова сопереживания и поддержки всем родным и близким погибших, а также пожелания скорейшего выздоровления пострадавшим.

НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ВЫРАЗИЛ СОБОЛЕЗНОВАНИЯ ПРЕЗИДЕНТУ РЕСПУБЛИКИ КОРЕЯ

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов выразил Президенту Республики Корея Юн Сок Ёлю глубокие соболезнования в связи с кончиной отца – Юн Ги Чжуна.

Председатель Халк Маслахаты Туркменистана выразил Президенту Республики Корея и членам семьи искренние слова поддержки и сопереживания в этот тяжёлый момент.

Интернет газета
Международные новости

NATIONAL TOURIST ZONE "AVAZA" HOSTS SCIENTIFIC-PRACTICAL CONFERENCE DEDICATED TO THE DAY OF THE CASPIAN SEA

Today, on August 12, 2023, the scientific-practical conference «The Caspian Sea is a Sea of Peace and Friendship», dedicated to the Day of the Caspian Sea, opened in the "Avaza" National Tourist Zone in a hybrid format.

The representative forum is attended by the Chairman of the Mejlis, members of the Cabinet of Ministers of Turkmenistan, heads of ministries and departments of Turkmenistan, heads and representatives of diplomatic missions, representative offices of international organizations and foreign media accredited in Turkmenistan, heads of national media.

During the plenary session of the forum, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan R.Meredov, the Minister of protection of environment of Turkmenistan Ch.Babaniyazov, the leading representatives of the Embassies of Azerbaijan, Iran, Kazakhstan, Russia delivered a speech.

The speeches emphasized that Turkmenistan is an active participant in the most important processes in the Caspian region, and demonstrates commitment to the ideas of peace, harmony and mutually beneficial cooperation. In this context, the constructive policy pursued under the leadership of the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov is noted for the implementation of international cooperation in the field of ecology and environmental protection, including in the Caspian Sea basin.

It is also emphasized that Turkmenistan consistently puts forward the most important initiatives and ideas aimed at implementing a systematic and effective political dialogue on the Caspian issue. The conference participants stated the need for further continuation of close cooperation between the Caspian states.

A great interest of the participants of the conference was caused by the exhibition unfolding in the foyer of the hotel complex, which demonstrated the achievements of our country in the field of environmental protection. With great interest, the delegates got acquainted with the exhibits from the funds of the Museum of Nature of the Khazar Reserve, the museum of the city of Turkmenbashi, representing the amazingly beautiful and fragile world of marine animals and birds.

The conference participants were unanimous in their opinion that the sustainable development of the Caspian Sea, the gradual restoration of natural ecosystems to a level that guarantees the stability of the environment, can only be achieved through the joint efforts of all the Caspian states.

Summing up the results of the forum, its participants stated the unity of positions of all interested parties on the importance of maintaining cooperation, peace and trust in the Caspian Sea region, speaking in favor of further strengthening international partnership in ensuring reliable environmental protection of the Caspian Sea and developing its potential that meets the interests of common prosperity and progress.

The participants of the scientific-practical conference «The Caspian Sea - the Sea of Peace and Friendship» adopted a thankful Address to President Serdar Berdimuhamedov, in which they expressed their sincere gratitude for the excellent conditions created for the work of the forum, for the attention paid to environmental measures, the implementation of environmentally significant projects in order to ensure rational nature management, effective environmental protection of the Caspian Sea.

In the afternoon, in the conference hall of the Daýanç Hotel, a ceremony was held to award prizes to the authors of the best children's works in applied art and decorative works made from marine materials, which vividly reflect the beauty of native nature, the expanses of the Caspian Sea and the unique world of its inhabitants, who need human protection.

The final chord of the festive evening was a concert with the participation of the State Drama Theater of the Balkan velayat, children's creative groups of the velayat, the program of which also included dances and songs of the peoples of the Caspian countries.

Встреча Министра иностранных дел Туркменистана с главой Регионального центра ООН по превентивной дипломатии

14 августа 2023 года Министр иностранных дел Туркменистана Рашид Мередов провел встречу с новым Специальным представителем Генерального секретаря Организации Объединённых Наций, главой Регионального центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии (РЦПДЦА) Кахой Имнадзе.

Р.Мередов поздравил руководителя РЦПДЦА с назначением на этот ответственный пост и выразил надежду что его дипломатическая деятельность будет способствовать дальнейшему развитию сотрудничества между Туркменистаном и ООН.

Также была подчеркнута важность деятельности Регионального центра ООН по превентивной дипломатии для всего региона в сфере поддержания и укрепления согласия, взаимопонимания и поддержки.

Было отмечено, что Туркменистан активно сотрудничает с Региональным центром ООН в деле поддержания региональной безопасности и укрепления мира. Глава внешнеполитического ведомства Туркменистана отметил, что созданы и успешно работают механизмы многосторонней превентивной дипломатии, такие как инициатива Академия превентивной дипломатии и Диалог женщин стран Центральной Азии.

Каха Имнадзе, в свою очередь, в свете представления приоритетных направлений Туркменистана на 78-ой сессии ГА ООН, выразил значимость такого комплексного подхода к ключевым вопросам глобальной повестки и вклада Туркменистана в представлении своего видения по их решению.

НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

Посол Туркменистана вручил копии верительных грамот в МИД Королевства Камбоджа

10 августа 2023 года, назначенный Чрезвычайный и Полномочный Посол Туркменистана в Королевстве Камбоджа (с резиденцией в Куала-Лумпуре) вручил копии верительных грамот Директору Протокольного отдела Министерства иностранных дел и международного сотрудничества Камбоджи.

Цифровые возможности дистанционного управления оборудованием обсудили на семинаре в Техноцентре

10 августа в Центре технологий Академии наук Туркменистана состоялся семинар «Возможности удаленного управления оборудованием через цифровую систему в нашей стране».

Вместе с сотрудниками нескольких лабораторий Техноцентра вопросы внедрения в различные сферы цифровых технологий и цифрового управления обсудили ученые из института химии, института сейсмологии и физики атмосферы, института истории и археологии, института языка, литературы и национальных рукописей имени Махтумкули Академии наук Туркменистана.

Посол Туркменистана в Катаре вручил копии верительных грамот

14 августа 2023 года в МИД Катара состоялась церемония вручения копий верительных грамот вновь назначенным Чрезвычайным и Полномочным Послом Туркменистана в Государстве Катар М.Сейитмаммедовым Государственному министру иностранных дел Государства Катар Султану бин Сааду Аль-Мурайхи.

Материалы подготовлены на основе интернет-источников.